# Senzuraçylar

Category: Kitapcy,Publisistika,Sözler
написано kitapcy | 25 января, 2025
Senzuraçylar SENZURAÇYLAR




1971-nji ýylyň 12-nji mart güni – faşistik günleriň birinde harby gullukçylaryň beren memorandumy bilen «terroristleriň» üýşýän öýi basylýar. Ýöne Stambuldaky bu operasiýa gatnaşan ofiserler içerden hiç zat tapyp bilmän, boş çykmaly bolýar.
Pejiň üstündäki kiträ, burugsap duran çilim galyndylaryna seredip, öýdäkileriň birnäçe minut öň gaçandyklary belli bolýar.
Öçürilmän galan radioda bolsa «Uçuň guşlar uçuň, Izmire sary!» aýdymy ýaňlanyp dur eken!..
* * *

Harby hökümetiň serkerdesi dört ýyldyzly general Faik Türün şowsuz tamamlanan operasiýa ýolbaşçylyk eden serkerdäni dalap alanda, täsin jogaby eşidýär:
– Ýoldaş general, näme edibilerdik? Ýogsa hemmetaraplaýyn taýynlygymy görüp bardyk, emma öýe girenimizde «Uçuň guşlar uçuň, Izmire sary!» aýdymy aýdyp dur eken. TRT-däki

kommunistler operasiýanyň habaryny alyp, terrorçy ýoldaşlarynyň Izmire gaçmaklary üçin radiodan signal berýän eken!..
Mundan soň operasiýanyň ümzügi Izmire bakan gönükýär!..

* * *

Faik Türün operasiýa geçensoň TRT-niň baş müdiri general-leýtenant Musa Ögüne jaň edip: «Musa! Musa!.. Sen ol ýerde uklaber! Seniň kommunist işgärleriň radioda goýberýän aýdymlary bilen terrorçylara signal berýär» diýip, azar ýamanyny berýär.
Bu berk duýduryşdan soň Musa papa dessine ýaýlyma goýberiş boýunça jogapkär işgärleri ýanyna çagyrýar. Ol işgärlerine «Mundan beýläk «Uçuň guşlar uçuň, Izmire sary» aýdymyny bermek gadagan!» diýýär…

* * *

Iň täsin senzura 1969-njy ýylyň 16-njy fewralynda iki adamyň ömür tanapynyň üzülen, 200 ildeşimiziň ýaralanan «Ganly ýekşenbe» kartinalary bilen baglanyşyklydy. Premýer-ministrlikden TRT-ä gönderilen görkezme arkaly Stambuldaky işçiler mitinginde bolup geçen tragiki wakalaryň gözegçilik eleginden geçirilen gepleşikleri berýän TRT teleýaýlymynda görkezilmegi gadagan edilipdi!..
Ýagny, TRT hamala ganly wakalar asla bolup geçmedik ýaly gepleşiklerini dowam etdiripdi.

* * *

Şol ýyllarda meşhur rus ýazyjysy Anton Çehowyň «Üç uýa» eseriniň goýberlişine «Türk teleýaýlymlarynda rus ofiserleriniň harby lybasyny görkezip bolmaz» bahanasy bilen rugsat berlenokdy.

* * *

Ýene bir senzura samsyklaçlygy ýazyjy Nejati Jumalynyň

“Nalynlar” atly pýesasynyň jynsy meýilleri oýarýandygynyň öňe sürülmegidi.
Şol ýyl (1974) başga bir amerikan pýesasy sahnalaşdyrlanda, sahnada ýalaňaç erkek heýkeli göründi diýip senzuranyň şarpygyny iýipdi.
Tragikomiki gadagançylyklaryň biri-de meşhur satirik Lewent Kyrjanyň parodiýalarynyň birindäki Ryfky obrazyny Ýaýlym gözegçilik müdirliginde işleýän Ryfky atly bir gözegçi özüne çekende bolup geçdi.

* * *

Baryş Mançonyň meşhur “Arkadaşym eşek” aýdymy bolsa “Eşek adamlaryň arkadaşy bolup bilmez” bahanasy bilen birnäçe wagtlap gadagan edildi, hatda aýdymça sözlerini “Arkadaşym guzy!” diýip üýtgeden ýagdaýynda ýaýlyma beriljekdigi aýdylypdy!..
Şol sanda Esmeraýyň aýdýan «Biz ynsan» (“İnsanız”) aýdymy-da içinde tankyt bar bahanasy bilen «Aýdymlar diňleýjilerini şatlandyrmaly, tankydy serişde hökmünde ulanylmaly däl» diýip, gadagan edilipdi.

* * *

Şular ýaly tragikomiki mysallardan Orhan Baýkal gardaşym bilen bile ýazan «Ýalandan kim ölüpdir?» («Yalandan Kim Ölmüş”) atly kitabymyzyň çap bolup çykanyna birnäçe ýyl geçensoň, sitatalar getirmegimiň sebäbini aýdar bolsam…
Siziňem bilşiňiz ýaly «Senzura hakyndaky kanun» birgiden nägileliklerň bildirilendigine garamazdan Mejlisden geçdi.
Hiç iňkise gitmäň, bu kanuny çykarjak bolup dyrjaşanlar muny ýerine ýetirmekde şeýle bir gülkünç, hatda utandyryjy ýagdaýlaryň bolup geçmegine sebäp bolarlar. Bir gün geler, olary-da dek häzir ýokarda ýatlanan geçmişiň senzuraçylary ýaly seňriklerini ýygryp ýatlarlar!..

Ugur DÜNDAR.

«SÖZCÜ» gazeti, 15.10.2022 ý. Publisistika